TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
TARYH WE ARHEOLOGIÝA INSTITUTY

# “GADYMY ÄNEW MEDENIÝETI”
# ATLY HALKARA YLMY MASLAHAT
(2024-nji ýylyň 27-nji marty)

# INTERNATIONAL SCIENTIFIC CONFERENCE
# “ANCIENT ANAU CULTUR”
(Mart 27, 2024)

# МЕЖДУНАРОДНАЯ НАУЧНОЙ КОНФЕРЕНЦИИ
# “ДРЕВНЯЯ КУЛЬТУРА АНАУ”
(27 марта, 2024 года)

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2024

**Aygozel Ovezova**
*(Turkmenistan)*

## THOUGHTS ON THE TREATMENT OF DISEASE DURING THE ANAU CULTURE

The announcement of the city of Anau as the "Cultural capital of the Turkic world" in 2024 is a testimony to the growing interest in the ancient civilization of Anau. Treatment of diseases has been one of the most important needs of mankind since the dawn of time. In the paper, as a result of the findings found during the archeological excavations, it is indicated that religious views and beliefs were used in the treatment of diseases in those times along with medicinal plants.

**Jennet Ezimowa, Ogulgurban Ezimowa**
*(Türkmenistan)*

## MEDENIÝETIŇ TARYHY – EKOLOGIÝANYŇ TARYHY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe taryh, arheologiýa, etnografiýa, şeýle hem olar bilen utgaşykly beýleki ylymlaryň pajarlap ösmegine döwlet tarapyndan uly üns berilýär. Taryh ylmynyň daşky gurşawyň taryhyny öwrenýän beýleki ylymlar bilen berk arabaglanyşygy bardyr. Türkmen halky tebigat bilen jemgyýetiň sazlaşykly gatnaşyklaryny alyp barmakda ajaýyp nusga görkezýär. Ata-babalarymyz hemişe tebigat bilen sazlaşykly ýaşap, daşky gurşawa we tebigy baýlyklara aýawly çemeleşipdirler. Adamzadyň ösüş ýolunda adamlaryň öz zähmeti bilen tebigata we daşky gurşawa ýetirýän täsirini öwrenýän ekologiýanyň taryhy häzirki döwürde has çuň öwrenilip başlandy.

Ekologiýanyň taryhyny öwreniji alymlaryň bellemegine görä, tehnogenez hadysasy (belli bir sebitde ýaşaýan halklaryň, etnoslaryň, medeniýetleriň özüniň zähmeti bilen, halk hojalygy, oba hojalygy bilen ýaşaýan sebitiniň landşaftyny üýtgetmekleri) medeniýetiň gülläp ösmegine ýa-da pese düşüp ýok bolup gitmegine getirýär. Şeýlelikde, ekologiýa meselelerini çözmegiň ýollaryny, köplenç, jemgyýetiň we medeniýetiň taryhyndan gözlemelidigini aýtmak bolar. Häzirki zaman taryh ylmy medeniýetiň ösmeginde we sebitiň taryhy ösüşinde daşky gurşaw we howa şertleriniň hem-de jemgyýetçilik faktorlarynyň ähmiýetini düşündirmäge çalyşýar.

XX asyryň başlarynda amerikan geology Rafael Pampelli gadymy Änew medeniýetini öwrenip, bu ýerde baý ösümlik dünýäsiniň ekerançylyga, haýwanlaryň eldekileşdirilmegine, irki medeniýetiň gülläp ösmegine ýol açandygyny subut

etdi. Merkezi Aziýa dünýäsiniň giňän çöllükden aýrylyp, ýerli ilatyň awçylykdan maldarçylyga geçmegine mümkinçilik berendigini R. Pampelli çaklady. Munuň özi medeniýetiň ösüşiniň ekologiýa esaslanýandygy baradaky ilkinji garaýyşdyr. Gadymy Änewde gazuw-agtaryş işleriniň geçirilmegi eneolit we ondan soňky döwürlerde adamzadyň gadymy medeniýetiniň, ýurdumyzyň ekologiýa taryhynyň öwrenilmegine giň ýol açdy. A. A. Maruşenkonyň berýän maglumatlaryna görä, Änew I we Änew II medeniýetleriniň başlangyç döwürlerinde kätmenli ekerançylyk (gelýän suwuň akymyny sazlamak üçin uly uçly kätmenler ulanylypdyr) hem-de maldarçylyk; Änew II we Änew III medeniýetleriniň başlangyç döwürlerinde azal ekerançylygy, ösen maldarçylyk; Änew III medeniýetiniň döwründe ýokary ösen ekerançylyk we maldarçylyk mahsus bolupdyr. Muňa geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan daşdan ýasalan däne gyrgyçlary, saman yzlary, bugdaý we arpa däneleri bilen bir hatarda iri we ownuk şahly mallaryň süňkleri şaýatlyk edýär. Şol döwürlerde ekerançylyk we maldarçylyk halk hojalygynyň hem-de ykdysady ösüşiň esasy faktorlary hökmünde çykyş edýärdi. Günorta Türkmenistanyň gadymy ekerançylygynyň dag eteklerinde ýerleşmekleri ekerançylykda ýönekeý liman suwaryş usulynyň ulanylandygyna şaýatlyk edýär. Giçki döwürlerde (Änew III) ekerançylyk derýalaryň boýuna geçirilip, suwarymly ekerançylyk emele gelýär. Bu bolsa bol hasyl almaga mümkinçilik berdi.

Alymlaryň bellemegine görä, daýhançylyk we ekerançylyk jemgyýetleri sada zähmet gurallary bilen hasyl ýetişdirmek hem-de haýwanlary eldekileşdirmek bilen meşgullanypdyrlar. Şol döwürde adamyň tebigaty özüniň zerurlyklaryna uýgunlaşdyrmak hadysasy ýüze çykyp ugraýar. Ösümlik tohumlaryny, agaç miwelerini, köki miwelileri ýygnamak öz-özünden olary ekmek usulyna öwrülip, ekerançylyk hojalygy peýda bolýar. Şeýlelik bilen, bu görnüşli jemgyýetler hemişe daşky gurşawy we tebigy baýlyklary öwrenmeli bolupdyrlar. Alymlaryň bellemegine görä, ekerançylyk beýleki hojalyklardan tapawutlylykda ekologiýa taýdan has durnuklydy, sebäbi oturymly ekerançylyk bilen meşgullanýan jemgyýetler özleriniň oýlanyşykly hereketleriniň netijesinde hojalykda durnuklylyk ukybyna eýe bolupdyrlar.

Häzirki döwürde taryhy we medeni ýadygärliklerde geçirilýän gazuw-agtaryş, ylmy-barlag işleriniň easynda Türkmenistanyň ekologiýa taryhy öwrenilýär. Geljekde hem ekologiýa ylmynyň ösdüriljekdigine we bu ugurda uly işleriň alnyp barylmagy üçin mümkinçilikleriň dörediljekdigine ynam döreýär.

**Дженнет Эзимова, Огулгурбан Эзимова**
*(Туркменистан)*

## ИСТОРИЯ ЦИВИЛИЗАЦИЙ – ИСТОРИЯ ЭКОЛОГИИ

В работе рассматриваются вопросы изучения экологической истории Туркменистана на примере данных о раннеземледельческой культуре Анау. Земледелие рассматривается как экологический фактор развития данной культуры. Тем самым определяются возможности и пути дальнейшего углубленного изучения истории окружающей среды Туркменистана на основе древних историко-культурных памятников страны.

**Jennet Ezimova, Ogulgurban Ezimova**
*(Turkmenistan)*

## HISTORY OF CIVILIZATIONS IS THE ENVIRONMENTAL HISTORY

Issues of studying the environmental history of Turkmenistan based on the example of data on early agriculture of Anau are reviewed in the paper. Agriculture is considered an environmental factor of development of this culture. Thereby, on the basis of ancient historical and cultural monuments of the country possibilities and ways for the further in-depth study of environmental history of Turkmenistan are determined.

**Kerim Hojagulyýew**
*(Türkmenistan)*

## TÜRKMEN ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNDA SEÝIT JEMALEDDIN METJIDINIŇ BINAGÄRLIK BEZEGINIŇ AÝRATYNLYKLARYNYŇ ŞÖHLELENDIRILIŞI

Türkmenistan Merkezi Aziýa halklarynyň arasynda taryhy-medeni ýadygärliklere baý döwletleriň hataryna girýär. Gadymy ýadygärlikler alymlar bilen bir hatarda suratkeşleriň hem ünsüni özüne çekýär. Garaşsyzlyk ýyllarynyň nakgaşlyk sungatynda taryhy-medeni ýadygärlikleri beýan edýän tema esasy ugurlaryň birine öwrüldi. Türkmen şekillendiriş sungaty milli özboluşlylygynyň